# Milli barlygymyz, ebedi baýlygymyz !



**Dilçi alym, Türkmen diliniñ sözlügini düzüjilerden filolog alym**
**Maşşan Hamzaýew**
**(1915- 1965)**

Maşşan Hamzaýew 1915-njy ýylyñ 1-nji maýynda, Türkmenistanyñ Krasnovodsk oblastynyñ Gyzyletrek raýonynyñ Çat obasynda dogulýar. Ol Türkmeniñ görnükli dilçi alymy bolup ýetişýär.

Hamzaýew 1934 ýylda Aşgabat döwlet pedagogik institutyny gutarýar we 1941 ýyla çenli mugallymçylyk edýär we şol ýylda Sovet Soýuzynyñ Kommunistik Partiýasynyñ agzasy bolýar. Watançylyk urşa (1941–45) gatnaşýar. 1946 ýylda goşun gullugyndan gaýdyp gelýär. 1948 ýylda «Türkmen dilinde lokal düşümler» diýen temada kandndatlyk dissertasiýasyny goraýar. 1953 ýyldan ömrüniñ ahyryna çenli TSSR YA-nyñ Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyñ direktory bolýar. Ol bu institutda kollektiv bolup ýazylan uly ylmy işleriñ köpüsiniñ, Türkmen diline degişli sözlükleriñ esasy awtorlarynyñ biri we ençeme ylmy işleriñ redaktory, 4-nji klaslar üçin ene dilinden okuw kitaplarynyñ hem awtorlarynyñ biridir. Hamzaýew filolog kadrlaryny taýýarlamak işine-de aktiv gatnaşýar. 1959-nji ýylda Türkmenistanyñ Ylymlar Akademiýasynyñ korrespondent/ habarçy agzasy bolýar, 1970-nji ýylda TSSR-in ylym we tehnika boýunça Döwlet baýragynyñ laureaty bolýar Onuñ ýolbaşçylygynda ençeme adam ylymlaryñ kandidaty bolup ýetişýär. Ol «Hormat nyşany» ordeni, medallar, TSSR Ýokary Sovetiniñ Prezidiumynyñ Hormat hatlary bilen sylaglanýar. Hamzaýew 1965-nji ýylyñ 20-nji iýulynda, Aşgabat şäherinde aradan çykýar.

Çeşme: TSE (9.Tom.  342.s)

Latinça geçirip hödürlän:

Akmyrat Gürgenli